# Yşk ymamdyr bize, köňül jemagat…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yşk ymamdyr bize, köňül jemagat…



Yşk ymamdyr bize, köňül jemagat,
Kyblamyz dost ýüzi, daýymdyr salat.
Dost ýüzüni görjek şirk ýagmalandy,
Onuň çün gapyda galdy şerigat.

Köňül sežde kylar dost mährabynda,
Ýüzün ýere urup, kylar mynajat.

Mynajat kibi wagt olmaz arada,
Kim ola dosty-le bu demde hylwat.

Şerigat aýdar ki: şerti byrakma,
Şert ile kişiýe kim ede hyýanat.

Erenler nepesidir döwletimiz,
Onuň-le pitneden olduk salamat.

«Kowly-bela! » diýdik owwalky demde,
Heniz bir demdir ol wagt-y bu sagat.

Bäş wagt tertibimiz bir wagta geldi,
Bäş bölek oluban, kim kyla takat?

Biz kimse dinine hylap diýmeris,
Din tamam olajak, dogar muhapbet.

Dogrulyk bekleýen dost gapysynda,
Gümansyz ol bolar ylahy döwlet.

Ýunus eýle ýesirdir ol gapyda,
Dilär ki, olmaýa ebedi rahat. Goşgular